# SYÝASY TAGLYMATLARYÑ TARYHY

**Aşgabat - 2010**

**© Ogulmaral Atajanowa. Syýasy taglymatlaryň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.

Taryh ylymlarynyň kandidaty **J. Annaorazowyň** ylmy redaksiýasy bilen

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ogulmaral Atajanowa.**

**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

# Giriş

Syýasat barada adamlaryñ müñlerçe ýyl bäri piker ýöredip gelenligine, syýasatyñ jemgyýetdäki orny barada gadymy döwürlerden başlap beýik hytaý akyldary Konfusiý, gadymy grek akyldarlary we filosoflary Sokrat, Platon we Aristotel, orta asyr akyldarlary Makiawelli wee Nyzam al Mülk, biraz sonara Şarl Monteskýe, Tomas Gobbs we Jon Lokk ýaly akyldarlaryñ dürli garaýyşlary we taglymatlary öñe sürendiklerine garamazdan, syýasaty öwreniş ylmy iñ ýaş ylymlaryñ hataryna girýär. Munuñ hem ozone ýetesi sebäpleri bar. Ilki döwürlerde syýasat baradaky garaşlar filosofiýanyñ düzüm bölegi bolupdyr. 19-njy asyryñ ikinji ýarymyndan başlap jemgyýetiñ syýasy durmuşy hakyndaky taglymatlar sosiologiýa ylmynyñ çäginde öñe sürlüp başlanýar, hut şol ylmyñ çäginde hem syýasy durmuşyñ dürli meselelerine degişli ylmy derñewler amala aşyrylyp başlanýar. Syýasatşynaslyk ylym hökmünde dine geçen asyryñ 50-nji ýyllaryna golaý döwürde ykrar edilip başlanýar.

Syỷasy taglymatlaryñ emele gelmegi antiki döwletlerde başlanyp, soñra ol däbi Makiawelli, Gobbs, Lokk, Monteskỷe, Mill, Gegel, Marks, Lenin, Weber we birnäçe başgalar dowam etdiripdirlr. Şonuñ üçin kimde-kim häzirk izaman syỷasy taglymatlar bilen tanyşmak islese, ol tanyşlygy hökman syỷasy akyldatlaryñ nusgawy eserlerinden başlamalydyrlar.Ykrar edilen akyldarlaryñ geçen ỷoluny gaỷtalap,olaryñ pikirlerini yzarlap,biz syỷasy taglymatlaryñ nusgawy akyldarlaryñ okuwçylaryna öwrülỷäris. Eger-de bize haỷsydyr bir akyldaryñ pikiri, dünỷägaraỷşy düşnükli bolsa,onda syỷasata bolan çemeleşmede käbir çäklendirmeler, kynçylyklar ỷeñilip geçilỷär. Bu adaty ỷagdaỷdyr. Islendik ugur boỷunça hakyky hünärmenler özleriniñ hünärini hut şeỷle ỷol bilen özleşdirỷärler.Olar ussatlaryñ göreldesine eỷerip,agaç ussasy,matematik ỷa-da fizik bolup ỷetişỷärler. Şyỷasy

ylymdaky professionalizm derejesine ýetmeklik dünýä syýasy pikiriñ wekilleriniñ işleri bilen doly tanyşmaklyk talap edilýär.

Türkmenistanda syýasatşynaslyk ylmy dine garaşsyzlyk döwründe ýörjen-ýörjen bolup başlady. Bu ugurda Garaşsyz Türkmenistanda ilkinji edilen aýgytly ädimleriñ biri hökmünde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniñ taryh fakultetiniñ düzüminde "syýasatşynaslyk" hünäriniñ açylyp, ýöriteleşdirilen bilimli hünärmenleriñ taýýarlanylyp başlanylmagyny mysal getirmek mümkin.

Nebsimiz agyrsa-da, belli bir döwür aralygynda, käbir sebäplere görä, "syýasatşynaslyk" hünäri boýunça taýýarlanylýan talyplar üçin işlenilip düzülen we ulanylyp gelnen okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda syýasat baradaky ylymlaryñ häzirki zaman ösüş aýratynlyklary doly derejede göz öñüne tutulmady.

Bu gollanmada şol kemçilikler belli bir derejede nazara alyndy. Biz başardygymyzça, gollanmada syýasaty öwreniş ylmynyñ predmeti, onuñ ähmiýeti, öwrenýän meseleleri, düzüm bölekleri, ylym hökmünde ösüş taryhy barada gysgaçarak häsiýetde durup geçmeklige çalyşdyk. Gollanma taýýarlanylanda syýasaty öwreniş ylymlarynyñ häzirkizaman ösüşiniñ aýratynlyklaryna üns bermeklige synanyşyk edildi.

## Syýasy ylymda taglymatyñ roly.

### Syýasat hakyndaky bilimleriñ ulgamynda syýasy taglymatlaryñ roly.

Teoriýa sözi “theorein” diýen grek sözünden gelip çykyp,akyl ýetirmek,oýlanmak diýmekligi añladýar. Geçmişiñ beýik akyldarlary hut Şonuñ bilen meşgullandylar we häzirkizamanyñ teoretik syýasatçylary ol işi dowam edýärler.Geçmiş akyldarlary syýasat dünýäsinde nämäniñ nähili bolup geçýändigine düşünmeklige mümkünçilik döredýärler.

Syýasy taglymatñ emele gelmegi antiki döwletlerde başlanypdyr.Soñra ol däbi Makiawelli, Gobbs, Lokk, Monteskýe, Mill, Gegel, Marks, Lenin, Weber we birnäçe başgalar dowam etdiripdirlr.Meşhur orta asyr akyldary Bernar Şartrskiniñ sözleri bilen aýtsak: “Biz- äpetleriñ egnine münen kçijik adamlar.Äpetler bizi depesine götereni üçin,biz olardan has uzaklary görýäris, biziñ görejimiz hem Şonuñ üçin kimde-kim häzirkizaman syýasy taglymatlar bilen tanyşmak islese,ol tanyşlygy hökman syýasy akyldatlaryñ nusgawy eserlerinden başlamalydyrlar.Ykrar edilen akyldarlaryñ geçen ýoluny gaýtalap,olaryñ pikirlerini yzarlap,biz syýasy taglymatlaryñ nusgawy akyldarlaryñ okuwçylaryna öwrülýäris.Eger-de bizehaýsydyr bir akyldaryñ pikiri,dünýägaraýşy düşnükli bolsa,onda syýasata bolan çemeleşmede käbir çäklendirmeler,kynçylyklar ýeñilip geçilýär.Bu adaty ýagdaýdyr. Islendik ugur boýunça hakyky hünärmenler özleriniñ hünärini hut şeýle ýol bilen özleşdirýärler.Olar ussatlaryñ göreldesine eýerip,agaç ussasy,matematik ýa-da fizik bolup ýetişýärler.Şyýasy ylymdaky professionalizm derejesine ýetmeklik dünýä syýasy pikiriñ wekilleriniñ işleri bilen doly tanyşmaklyk talap edilýär.

Teoretiki işler bilen okap tanyşmak we akyl ýetirmeklik syýasy garaýyşlarynyñ döreýiş we kemala geliş ýagdaýlaryna

düşünmeklige mümkünçilik berÿär.Şeÿle hem ol garaÿyşlara doly akyl ÿetirip, biri-biri bilen deňeşdirip,olara baha berip bilmeklik,diňe bir biziň syÿasy bilimlerimizi ÿokarlandyrman, eÿsem, syÿasy garaÿyşlarymyzy hem kemala getirÿär.Şeÿlelik bilen biz üstünde syÿasy işi gurnap boljak esasa eÿe bolÿarys.

Syÿasy teoretikler beÿleki adamlardan diňe bir olaryň kesgitli syÿasy garaÿyşlarynyň bolmagy bilen tapawutlanman,olar şol garaÿyşlaryň hili bilen tapawutlanÿarlar.Olar özleriniň syÿasata bolan garaÿyşlaryny bütewi, gowy esaslandyrylan,adamzat we daşky dünÿä baradaky häzirkizaman bilimlere daÿanÿan, iň esasy zat hem düşnükli ÿetirmäge çalyşÿarlar.Beÿik akyldarlaryň içinde ol ÿa-da beÿleki derejede syÿasat meselesine degip geçmedigini tapmak kyn.

**Syÿasy ylmy öwrenmekligiň usullarynyň meseleleri.**

Günbataryň uniwersitetlerinde syÿsay taglymaty düzÿän iki sany parallel akademiki sapak bar:Syÿasy filosofiÿa (normatiw syÿasy taglymat), we syÿasy ylym (empiriki syÿasy taglymat).Bu dersleriň hersiniň öz barlag meÿdany bar,ÿöne şol bir wagtyň özünde olar öz arasyndabir-biri bilen berk baglanşykly.

Normatiw taglymatlar-dünÿäniň nähili bolmalydygy hakynda aÿdÿarlar. Taglymat amatly, gowy şertleri ÿüze çykaryp,olaryň näme sebäpden amatly,gowudygynyň argumentleriniöňe sürÿär. Ňormatiw taglymatlar normalary we gymmatlyklary goraÿar.

Syÿasy taglymat syÿasaty öwrenişden tapawutlykda ideala tarap gönükdürilen bolany üçin, onuň deontologik tarapy utopiÿa has-da golaÿdyr.

Deontologiýa-hereketiñ ýa-da ulgamyñ adalatlylygyna esaslanýan garaýyş ýa-da prinsip.XVII asyrda Tomas Gobbs tarapyndan öñe sürülen raýat jemgyýetiniñ taslamasynyñ şol döwürde durmuşa geçirip bolmajak zatdygy düşnüklidir,ol ideýa häzirki gün hem doly durmuşa geçip bilenok.Şeýle hem XVII asyrda ahyrynda J. Lokk tarapyndan öñe sürülen hukuk döwleti ideýasy hem häzirkizaman döwletleriniñ köpüsünde amala aşmadyk ideýadyr.Şeýlelik-de syýasy taglymat öz wagtyndan öñe gidýär.

Syýasy taglymat-öñdengörüjülik ýa-da taýar utopiki gurluş bolman, eýsem awtoryñ göz öñüne getirmelerinde amatly geljege ymtylýan ýol praktiki ideýadyr.

şeýlelik-de, syýsay taglymat pikirleriñ, garaýyşlaryñ iki görnüşi bilen işleýär, bir tarapdan syýsay ideýalary beýan edýän,şol sanda azatlyk,deñlik,adalatlylyk we ş.m. ideallar, beýleki tarapdan-normatiw prinsipler.Mys.üçin: egerde syýasy akyldar syýsay azatlyk meselesine seretmekligi maksat edinse, onda ilki bilen azatlyk hakynda bütewi we takyk düşünjeleri düzmeklige çalyşýar.Diñe şondan soñra normatiw meselelere (nähili şertlerde azatlykj çäklendirilip bilner?) geçmeklik mümkin bolýar.Ondan soñra birnäçe alternatiwalara seredilýär.Bu bolsa “zyýan”, “peýda”, “artykmaçlyk” diýen düşünjelere takyk düşünmeklige mümkünçilik döredýär.

Şol bir wagtyñ özünde syýasy filosofiýa (normatiw syýasy taglymat) – bu integral,ýöne käbir derejede diñe syýsay däl-de,eýsem sosiýal-filosofiki bilimleriñ hem özbaşdak pudagydyr.Bu ýagdaýda olar syýsay işiñ, häkimiýetiñ we syýasy hlagyñ, syýasatyñ özüniñ tebigatynyñ we mazmunynyñ,syýasy gymmatlyklarynyñ we maksatlarynyñ has umumy esaslaryny öwrenýär.Başga sözler bilen aýdylanda,syýasy filosofiýa-bu syýasy işiñ,häkimiýetiñ

mazmunynyñ,syẏasy saẏlawyñ we ugruñ mazmunyny, häsiẏetini we görnüşüni açyp görkezẏän bilimleriñ ulgamydyr.

Eger-de syẏasy ylym takyk we jemgyẏet bilen bagly bolsa, mysal üçin: ABŞ-nyñ, Beẏik Britaniẏanyñ,GFR-iñ, Fransiẏanyñ, Italiẏanyñ we ş.m. häzirkizaman syẏsay ylmy barada aẏtmak bolar. Syẏasy taglymat-häzirki ẏaşaẏan nesliñ wagt çäginden giñdir, ol has dowamly taryhy tejribäni we hil taẏdan dürli-dürli pikirleniş däp-dessurlaryny öz içine alẏar.Syẏasy taglymat we syẏsay ylym barlagyñ predmetini saẏlamak nukdaẏnazaryndan hem bir-birinden tapawutlanẏarlar.(Antinomiẏa-iki sany garşylykly düşünje).Syẏasy taglymatlar ilki bilen antinomiẏalary: deñlik-deñsizlik,adalatlylyk- adalatsyzlyk we ş. m. Seljerẏär. Syẏasy-teoretiki akyl ẏetirmekligiñ zerurlygy syẏsay ösüşiñ düẏp meselelerine jemgyẏetçilik garaẏyşlaryñ kanagatlanarsyz we garşylyklaẏyn häsiẏetiniñ netijesinde ẏüze çykẏar.

Syẏsasty öwreniş hakynda gürrüñ etsek,ol syẏasy proseslere,partiẏalara hereketlere,syẏasy institutlaryñ işleẏiş usulyna we ş.m.degişlidir.Sosiẏal-syẏasy bilimleriñ ulgamynda bu iki “segment” bolan syẏasy teoriẏa we syẏasaty öwreniş biri-birinden tutuşlaẏyn bölünip aẏrylẏan däldir.

## Syýasat jemgyýetçilik pikirleriň taryhynda

Syẏasy taglymatñ emele gelmegi antiki döwürlerde başlanypdyr.Soñra ol däbi Makiawelli, Gobbs, Lokk, Monteskẏe, Mill, Gegel, Marks, Lenin, Weber we beẏleki birnäçe akyldarlar dowam etdiripdirler.Meşhur orta asyr akyldary Bernard Şartrskiniñ “Biz- äpetleriñ egnine münen kçijik adamlar.Äpetler bizi depesine götereni üçin, biz olardan has uzaklary görẏäris, biziñ görejimiz hem olaryñkydan ẏiti” diẏip belleẏär.

Şonuñ üçin kimde-kim häzirkizaman syýasy taglymatlar bilen tanyşmak islese,ol tanyşlygy hökman syýasy akyldatlaryñ nusgawy eserlerinden başlamalydyrlar.Ykrar edilen akyldarlaryñ geçen ýoluny gaýtalap,olaryñ pikirlerini yzarlap,biz syýasy taglymatlaryñ, nusgawy akyldarlaryñ okuwçylaryna öwrülýäris.Eger-de bize haýsydyr bir akyldaryñ pikiri,dünýägaraýşy düşnükli bolsa,onda syýasata bolan çemeleşmede käbir çäklendirmeler,kynçylyklar ýeñilip geçilýär.Bu adaty ýagdaýdyr. Islendik ugur boýunça hakyky hünärmenler özleriniñ hünärini hut şeýle ýol bilen özleşdirýärler.Olar ussatlaryñ göreldesine eýerip, ökde agaç ussasy, dilçi, lukman, matematik ýa-da fizik bolup ýetişýärler.Syýasy ylymda ökde hünärmen derejesine ýetmeklik dünýä syýasy pikiriniñ wekilleriniñ işleri bilen doly tanyşmaklygy talap edýär.

Nazary işler bilen okap tanyşmaklyk we olara akyl ýetirmeklik syýasy garaýyşlaryñ döreýiş we kemala geliş ýagdaýlaryna düşünmeklige mümkünçilik berýär.şeýle hem ol garaýyşlara doly akyl ýetirip, biri-biri bilen deñeşdirip,olara baha berip bilmeklik,diñe bir biziñ syýasy bilimlerimizi ýokarlandyrman, eýsem, syýasy garaýyşlarymyzy hem kemala getirýär.şeýlelik bilen biz üstünde syýasy işi gurnap boljak esasa eýe bolýarys.

Jemgiýetçilik pikiriniň döreýiş we ösüş taryhyny daşary ýurt alymlary bäş sany esasy döwürlere bölýärler. Bu döwürleriň hersi özleriniň aýratynlyklary bilen tapawulanýarlar.

**Birinji döwür:** Gadymy Gündogaryň syýasy taglymatlary (Müsür, Eýran, Hindistan, Hytaý, Wawilon, Assiriýa). Şol gadymy döwürde syýasy pikir aýratyn bilim pudagy bolman, rowaýatlar görnüşinde beýan edilipdir. Häkimýetiň hudaýtarapyn döränligi hakyndaky düşünje agalyk edipdir. Şol döwürüň görnükli akyldary Hammurapi, Zaratuştra, Konfutsiý, Mo-Szu, Şan-Ýan, Şen Bu-haý we ş.m bolupdyrlar.

**Ikinji döwür:** Gadymy Gresiýanyň we Rimiň syýasy taglymatlary, bu döwür Gomer, Pifagor, Geraklit, Demokrit, Sokrat, Platon, Aristotel, Lukresiý, Siseron ýaly akyldarlaryň atlary bilen baglanşyklydyr. Bu döwürde ýuwaş-ýuwaşdan syýasy pikirleriň rowaýatlardan, miflerden bölünip, syýasy filosofiýanyň özbaşdak pudagy hökmünde emele gelmegi başlanýar. Döwletiň gurluşyny onuň görnüşlerini seljermek işleri başlanýar, döwleti dolandyrmagyň kämil, iň gowy görnüşleri bellenilýär. Aýratynam şol döwürde syýasy pikirleriň ösüşine goşant goşanlar gadymy grek akyldary Platon (427-347 B.e.ö) bilen Aristoteldir (384-322 b.e.ö).

Mysal üçin: Döwlet gurluşynyň görnüşlerini tapawutlandyrmakda edilen ilkinji synanyşyk Platona degişlidir, ol onuň iki görnişini ýagny, kämil we kämil däl döwleti tapawutlandyrypdyr. Akyldaryň pikiriçe şeýle tapawutlandyrma esas beren zat adamlaryň özüni alyp barşyna täsir edýän içki hereketlendirijidir, ýagny adamlary herekete getirýän güýç onuň maddy aladalary bolsa , eger-de ol diňe özüniň şahsy aladalary bilen ýaşaýan bolsa, onda beýle döwlet kämil däl döwletdir. Egerde, adamy hereketlendiriji güýç pikiriň kämilligi, edermenlik bolsa onda bu döwlet kämildir. Akyldar döwletiň kämil görnüşi diňe gadymyýetde haçanda adamlary hudaýlaryň dolandyran döwründe bolupdyr diýip hasaplapdyr. Döwlet gurluşynyň kämil däl görnüşleriniň aşakdakylarynyň içinden (**timokratiýa** – şöhratparazlaryň häkimýeti, **aristokratiýa** – meşhur gowy adamlaryň häkimýeti, **demokratiýa** – halkyň häkimýeti, **tiraniýa** – juda ýekeligiň häkimýeti). Platon aristokratiýa we monarhiýa ýakyn döwlet gurluşyny goldapdyr. Akyldaryň ýazmagyna görä hökümdarlar, diňe bir baýlygyň eýesi bolman eýsem olar tebigat tarapdan gowy dolandyrmak ukyby berilen, gowy bilimli bolmalydyrlar. Jemgyýetiň işini dolandyrmak ylmynda Aristotel özüniň beýik mugallymyndan has öňe gidipdir. Ol ilkinji bolup “Syýasat” düşinjesini söz dolanşygyna girizip bildi, hem-de syýasata “

ylymlaryň we sungatlaryň içinde iň esasydyr” diýip baha berdi. Sebäbi Aristotel “syýasatyň maksady – hemmelriň abadançylygny gazanmakdyr” diýip hasaplaýar. Aristotel döwletiň mazmunyny onuň döremeginiň sebäplerini has çuňňur we giňişleýin düşündiripdir, syýasy häkimiýetiñ üç şaha bölüňmegi hakyndaky pikiri öňe sürüpdir.Gadymy dünýäde bar bolan (150-den gowyrak) döwletleriň konstitusion-hukuk düzgünlerini öwrenip, Aristotel döwletiň üç sany dogry (monariýa, aristokratiýa we politiýa) we üç sany nädogry (tiraniýa, oligarhiýa, demokratiýa) görnüşlerini ýüze çykarypdyr. Aristotel hem Platon ýaly demokratiýa oňaýsyz garapdyr. Ol “Demokratiýa köpçüligiň öz bähbidi üçin azlygyň üstinden agalygydyr” diýip baha beripdir. Döwlet dolandyrylyşynyň iň gowy görnüşi hökmünde ol politiýany belläpdir. Aristoteliň pikiriçe politiýa şertlerinde köpçülik umumy bähbitleri göz öňüne tutup döwleti dolandyrýar. Bu bolsa onuň pikiriçe diňe jemgyýetde syýasy häkimýet orta gatlagyň elinde jemlenen ýagdaýynda mümkin bolýar.

**Üçünji döwür:** Orta asyrlar şertlerinde syýasy pikir esasnam dini işgärleriň we akyldarlaryň kömegi bilen ösüpdir. Irki orta asyrlarda giňden belli bolan Awgustin Blažennyý (354-430ý.) Demirgazyk Afrikada dini işgär bolmak bilen ol on ýylyň dowamynda hakyky hristianlar bilen hristian taglymatynyň ýeretikleriniň arasyndaky ideýa göreşine ýolbaşçylyk edipdir. Ol öz taglymatynyň esasy düzgünlerini öz işlerinde beýan edipdir onuň işleriniň esasy aýratynlygy – fatalizm bolupdyr. Fatalizm – bu ýeriň üstinde bolup geçýän hemme zatlaryň hudaýtarapyn öňünden kesgitlenedigi hakyndaky taglymatdyr.

Häkimýetiň ylahylyk taglymatyna ýene bir uly goşant goşan akyldar Foma Akwinskidir (1225-1274ý.) Foma Akwinskini hristiançylygyň iň bir öňde baryjy akymy bolan katolisizimyň düýbüni tutujy hasaplaýarlar. Hristian buthanasynyň katolik we prawoslaw akymlaryna bölünmegi 1054-1204 ýyllar

aralygynda bolup geçdi. XVI asyrda katolisizmden protestanizm bölünýär.

1874 ýyldan başlap Foma Akwinskiniň taglymaty ýörite Rim papasy (Lew 13) tarapyndan "Katolisizmiň ýeketäk hakyky filosofiýasy" diýlip yglan edildi.

Döwletiň we syýasy häkimiýetiň gelip çykyşynyň teokratiki (dini) taglymatyny esaslandyrmakda prowoslaw, buddizm, yslam, iudaizm we beýleki dini taglymatlar uly rol oýnaýarlar.

**Dördünji döwür:** Syýasy pikiriň taryhynyň bu döwri ýewropada Galkynyş we Magaryfçylyk eýýämy bilen baglydyr. Şu döwürde syýasy taglymatyň ynsanperwer prinsiplerini ösdürmekde, ony teologiýadan (dinden) azat etmekde uly işler edildi. Adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň döwlet kanunlarynyň, jegyýetçilik durmuşynyň demokratiki gurluşynyň problemalaryny analiz etmeklik işjeňleşdi, şeýle hem syýasy institutlaryň döreýşi we işleýşini öwrenilip başlanyldy.

Ozalky bar bolan dini pikirlere ilkinji urgyny uran görnükli Italian akyldary **Nikola Makiawellidir** (1469-1527 ý). Ol özüniň ("Hökümdar", "Titi Liwiniň birinji dekadasy hakynda oýlanmalar" we beýleki) işlerinde syýasata bolan dini garaýyşlardan ýüz öwüripdir.

T.Gobbsyň (1588-1669ý) "Raýat hakyndaky nazaryýetiň filosofiki başlangyçlary" , "Lewiafan" , J.lokkyň (1632-1704ý) "Döwleti dolandyrmak hakynda iki traktat", Ş.L.Monteskýeniň (1689-1755ý) "Kanunlaryň ruhy hakynda", Ž.Ž.Russonyň (1712-1778ý) "Jemgyýetçilik şertnamasy hakynda" diýen eserinde täze döwrüň şertlerinde leberal syýasy doktrina döreýär. Syýasy häkimýetiň üç şaha bölünmeginiň zerurlygy eseslandyrylýar. Adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň teoretiki esaslarynyň

hökmandygy öňe sürülýär. Ş.Monteskiýeniň, Ž.Ž.Russonyň syýasy nazaryýetleri amerikan akyldary we syýasy işgäri T.Jeforsonyň (1743-1826ý) dünýägaraýşynda aýgytlty rol oýnady. T.Jeforson – Amerikan demokratiýasynyñ görnükli teoretigi we praktigi, ABŞ-nyň garaşsyzlyk Deklorasiýasyny (1776) işläp düzenleriň iň görnüklisi, ABŞ-nyň üçünji prezidenti.

Soňra bu ideýalar ABŞ-nyň konstitusiýasynda (1787) we Fransiýada Beýik Fransuz bržuaz rewalusiýasy ýeňip üstün çykanyndan soň Milli Uçreditel ýygnak tarapyndan 1789-njy ýylyň awgust aýynda kabul edilen "Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Deklorasiýasynda" doly şöhlelendirildi. Şol deklorasiýanyň ähli 17 maddasy hem adamyň eldegirmesiz tebigy hukuklaryndan gelip çykýar. 1791-nji ýylda deklorasiýa kanuny güýjüne girýär we 1791-njy ýylyň sentýabrynda Uçreditel ýygnak tarapyndan kabul edilen Fransiýanyň konstitusiýasyna dolulygyna girizilýär.

Ondan soňra ol deklorasiýanyň düýpli düzgünleri dünýäniň köp dokumentleriniň düzümine girýär. Mysal üçin: BMG-niň adam hukuklarynyň ähli umumy deklorasiýasyna (1948), Aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky konwensiýasyna (1952), jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmeklik boýunça Halkara konwensiýasyna (1965), çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa (1989), umuman alanyňda 1945-nji ýylda BMG-niň döredileni bäri onuň 60-dan gowurak dokumentlerine girizildi.

Syýasy pikiriň ösmeginde nemes alymlary I.Kantyň (1724-1804ý) "Hukuk hakyndaky taglymatyň metofiziki başlangyçlary", Gegeliň (1770-1831) "Hukugyň filosofiýasy" diýen işleri uly ähmiýete eýedir. I.Kantyň bitiren hyzmaty, onuň J.Lokkyň hukuk döwlet ideýasyna ilkinji bolup teoretiki esaslandyrma bermegidir. Gegel hem öz gezeginde döwlet we

raýat jegyýetiniň sosial ykdysady we syýasy sferalarynyň başlangyjyny ýola goýupdyr.

**Bäşinji döwür:** Bu döwür örän uly özbaşdak döwür, muňa XIX asyr tutuşlygyna hemde XX asyryň başlary degişlidir. Bu döwür özüniň birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Bu döwürde Liberalizm doktrina hökmünde kemala gelýär we ilkinji bolup Beýik Britaniýanyň Liberal partiýasy (1832) buržuaziýanyň iň ilkinji we iň köpçülikleýin partiýasy tarapyndan durmuşa geçirilýär. Şular bilen bir wagtda işçiler hereketiniň guramaçylygy ösýär we Marksistik taglymatyň esasynda öz syýasy partiýalary – Kommunistler Soýuzy (1847-1852) we I, II-nji Internasionalyň birnäçe seksiýalary döreýär. Şeýle hem şol döwürde häzirki güne çenli özüniň ähmiýetini ýitirmedik birnäçe ajaýyp taglymatlar döreýär. Mysal üçin: görnükli nemes akyldary **Maks Weber** (1864-1920ý) syýasaty öwrenişde häzirem ulanylýan syýasy häkimýetiň we Liderligiň üç görnüşini ilkinji bolup esaslandyrýar.Syýasy taglymatlaryň taryhyny rus syýasy pikirlerinden aýry doly göz öňüne getirip bolmaz.Slawýanlarda döwletliligiň kemala gelmegi uzak döwri öz içine alýar. Syýasy hukuk meselelerine uly ähmiýet berilýän iň irki çeşmeleriň biri mitropolit **Ilarionyň** “Kanun we abadançylyk hakynda söz” diýen işidir. Soňra ol ideýalar “Ýyllaryň powesti” (1113), “Nowgorod ýyl ýazgylary” (1136), “Rus hakykatyna” we “Igoryň polky hakynda söz” (XI-XIII asyr) diýen ýyl ýazgylarynda soňky ösüşlere eýe bolýar.XIV-XVI asyrlarda Russiýada merkezleşdirlen döwletiň syýasy idealogiýasy döräp ugraýar, onda Russiýanyň dünýä syýasatyndaky roluna uly orun berilýär.XVIII asyryň birinji ýarymynyň iň görnükli akyldarlary F.Prakopiwiç (1682-1736), W.N.Tattisew (1686-1750ý),

I. Posaşkow (1652-1726ý). Russiýada feodalizimiň ýykylyp kapitalistik gatnaşyklaryň kemala gelýän döwründe magaryfçylyk idealogiýasy ösüp başlaýar. Ýöne şeýlede bolsa

jemgyýeti demokratiýalaşdyrmakda uly ädimler edilmeýär. Muňa A.N.Radişewiň ykbaly şaýatlyk edýär, ýagny ol “Peterburgdan Moskwa syýahat” atly kitabynda Russiýadaky monarhiki gurluşy tankytlaýar we konstitutiýany döredilmegi ugrunda çykyş edýär, şeýlelikde ol Sibire sürgün edilýär. Radişewiň pikirleri dekabristleriň syýasy garaýyşlaryna uly täsir edýär XIX asyryň başlarynda  Russiýada jemgyýetçilik gatnaşyklary, döwlet dolandyrşyna degişli liberal reformalaryň birnäçe proýektleri döredilýär. Döwlet dolandyrlyşynyň iň gowy reformasy 1809 ýylda ýörite  Aleksandr  I -niň tabşyrygy bilen M.M.Speranski tarapyndan işlenilip düzülýär. M.Speranski bu proýektde häkimýetiň bölünmek ideýasyny, monarhiýany çäklendirmek, krepostnoýçylygy ýatyrmak ýaly ideýalary öňe sürýär. Ýöne 1812-nji ýylda uruş başlaýar, şeýlelikde ol ideýalar durmuşa geçirilmeýär. Şeýle hem rus syýasy pikirini ösdürmekde N.M.Karamzin,  P.Ý.Çadaýew, N.Ý.Danilewskiý, B.S.Solowýow, H.Çernyşewskiý, A.Gersen, M.Bakunin, P.Lawrow, Mihaýlowskiý, W.I.Lenin, G.W.Plehanow, N.Berdýaýew,  I.Ilin, P.Sorokin  we  ş. m. birnäçe  akyldarlar goşant goşdular.

## Gůnbatar Ỷewropanyñ orta asyr syỷasy taglymatlary.

### Döwrůñ häsiỷetnamasy.

Gůbatar ỷewropanyñ taryhynda feodalizm ägirt uly, můñỷyldan gowrak eỷỷämi öz içine alỷar.(V-XVI as.).Şol döwrůñ ykdysady gurluşy, synplaryñ özara gatnaşyklary,döwlet tertibi orta asyr g.b. ỷewropanyñ syỷasy-hukuk pikirleriniñ döremegine täsir edipdir.G.b. ỷewropanyñ feodalizm eỷỷäminiñ syỷsa-hukuk taglymatlary mydama ůỷtgäp durupdyr.Jemgyỷetde bolup geçỷän ůỷtgeşmeler,täzelikler g.b. ỷewropa ỷurtlarynyñ feudal jemgyỷetleriniñ ewolỷusion ösůine itergi beripdir.

Bu ewolẏusiẏa 3 sany dowry özůne birikdirẏär:
1.Irki feodal (V-XI as.)Munda feodalizm täze jemgyẏetçilik gatnaşygynyñ görnůi hökmůnde berkeẏär,bu döwrůñ çäklerinde döwlet ilki bilen uly birleşmä öwrůlip,sonar bolsa dagynyk syẏasy birleşmelere dargaẏar.
2. bu feudal gurluşyñ iñ ösen dowry,(XI as. Prtalary XV as. ahyry) bu döwre merkezleşdirilen monarhiẏalar mahsusdyr.
3. bu giçki orta asyr (XV as. Ah. XVII as. başl.) feodalizmiñ ẏykylyp,kapitalistik jemgyẏetçilik gatnaşyklarynyñ döräp ugran dowry.Bu döwůrde döwletlikil absolẏut monarhiẏa görnůşinde gurnalypdyr.Bu döwrůñ ẏene bir aẏratynlygy döwlete hristian dininiñ we rim katolik buthanasynyñ täsir etmegidir.Orta asyr hristian dinifeodal jemgyẏetiniñ důnẏägaraẏşynyñ ẏadrosy, ẏeke-täk hristian medeniẏetiniñ esasy bolupdyr.Orta asyr g,b. ẏewropanyñ syẏasy taryhynyñ bůtin dowamynda rim katolik buthanasy bilen důnẏewi feodallaryñ arasynda ẏiti göreş bolupdyr. Şoňa gỏräde iş esasy merkezi soraglaryň biri hem dini häkimiyet ẏokary bolmalymy ẏa-da důnẏewi hakimiẏet yokary bolmaly diẏen sorag bolupdyr.Buthana ideologlarynyň ynandyrmalaryna gỏrä, “hỏkůdarlaryň häkimiẏeti olara buthana tarapyndan berlipdir,buthana bolsa ony hut Hristosyň ỏzi beripmişin.”

Orta asyr ýewropanyň durmuşynda rim papalygy Ozůniň syẏasy we dini häkimiẏetiniň çůr depesine XIII asyrda ẏetẏar.

Rim katolik buthananyň důzgůnlerine birikdirmek bilen buthananyň gůẏjůni ỏňkůdenem berkleşdirjek bolẏar.

**Foma Akwinskiniñ döwlet hakyndaky taglymaty.**

Foma Akwinskiẏ Aristotelden “Adamyň syẏasy jandardygy ” hakyndaky pikiri Kabul edipdir.Onuň pikirice adamlara tebigat tarapyndan umumylykda,jemgyẏetde

ýaşamaklyk berlendir,şonuň ücin adam ýekelikde ýaşap bilmeýär. Şol tebigy şerte göräde syýasy birleşme bolan – döwlet döräpdir.Döwleti döretmeklik prosesi hudaýyň ýeri ýaradyşy bilen meňzeşdir.Důnýä ýaradylanda ilki bilen maddy zatlar döredilip, soňra olar ýerine ýetirmeli işleri boýunça bölůnýärler.Mysal ůçin:Monarhyň işi hudaýyň işjeňligi bilen meňzeşdir. Hudaý důnýäni dolandyrmaga girişmänkä, oňa ilki bilen tertip girizipdir.Monarh hem ilki döwleti döredýär, soňra bolsa dolandyryp başlaýar.

Döwletiň maksady- ähliumumy abadançylygy we akylly,gowy ýaşaýşy ůpjin etmekdir.Akwianatyň pikirine görä şeýle maksad synpy-feodal jemgyýeti saklamak bilen,ýokary häkimiýeti eýeleýän we baý adamlaryň artykmaçlyklara eýe bolmagy bilen, ekerançylygyň,hůnärmenleriň, söwdägärleriň syýasatdan daşlaşdyrylmagy bilen ýokary gatlaga, ýagny hökůdarlara boýun egmek hakyndaky hudaýyňkanunlaryna boýun bolmak arkaly ýetip bolar diýip bellleýär. Foma Akwinskiý dini häkimiýetiň důnýewi häkimiýetden ýokardadygyny subut etjek bolup, döwlet häkimiýetiniň aşakdaky alamatlarynyň tapawudyny girizipdir.

1. Mazmuny.
2. Gelip çykyşynyň, döreýşiniň görnůşi.
3. Peýdalanylşy.

Häkimiýetiñ mazmuny-bu agalyk etmeklik bilen boýun egmekligiñ arasyndaky tertipdir.Yokarky gatlagyñ islegi aşaky gatlagy herekete getirmelidir. Akwianatyñ pikiriçe bu tertip hudaýtarapyn girizilendir. şeýlelikde häkimiýet asly hudaýtarapyn döredilen hadysadyr. Şonuñ ůčůnem ol örän mähirli,gowy ajaýyp zatdyr. Şeýle hem Foma Akwinskiý tarapyndan hökůmdaryñ häkimiýetden ýaman niýetler bilen peýdalanýan halatlaryda agzalýar.Beýle ýagdaý egerde hökůmdar häkimiýete adalatsyz serişdeleriñ ůsti bilen gelen bolsa ýa-da adalatsyz hökůmdarlyk edýän bolsa bolup biler

diÿip Foma belleÿär. Olaryñ ikisem hudaÿyñ wesÿetlerini, erdäki ÿeke-täk häkimiÿet bolan rim katolik buthanasynyñ buÿruklaryny bozmaklykdyr.

Döwleti hudaÿyñ wesÿetlerinden çykyp dolandyrÿan, şeÿle hem adamlaryñ ruhy durmuşyna goşulÿan ÿa-da olara agyr salgytlary salÿan hökümdar tirana öwrülÿär.Şeyle ÿagdaÿda halk gozgalaña galyp, ol hökümdary ÿykyp biler diÿip Foma Akwinskiÿ beÿan edÿär.Foma monarhiÿany döwletiñ iñ gowy formasy hasaplap, ony tiraniÿadan tapawutlandyrypdyr.Onuñ monarhiÿany döwletiñ iñ gowy formasy diÿip saÿlamagynyñ iki sebäbi bar:1.Dünÿäniñ bir hudaÿ tarapyndan dolandyrylÿandygy sebapli,dowleti hem bir adam dolandyrmaly. 2. Fomanyñ piki görä taryh tejribäniñ gökezişi ÿal,ösüş,üstünlik köpçüligiñ dolandyrÿan ÿerinde däl-de, bir adamyñ dolandyrÿän ÿerinde bolÿandyr.Aristoteli gowy öwrenmek bilen Fomanyñ döwletiñ beÿleki görnüşleri hakynda-da (aristokrayiÿa,oligarhiÿa, demokratiÿa,garyşyk dolandyryş) düşinjesi bolupdyr.

Akyldaryñ pikiri boÿunça hemme kanunlar özara sapak bilen baglanandyrlar. Kanunlaryñ çür depesinde-baky kanun,dünÿäni dolandyrÿan hudaÿ kanu nlary durÿar.Foma Akwinskiÿ-papalygyñ,feudal-monarhik gurluşyñ goraÿjysydyr.Esasanam ol ÿeretikleriñ garşysyna durmaga häkimiÿeti çagyrypdyr.Akwianatyñ pikirine görä "Baky durmuş bilen bagly bolan dini bulaşdyrmaklyk,ÿalan pul ÿasamaklykdan hem erbet jenaÿatdyr, şonuñ üçü nem olary ölüm jezasyna hüküm etmeli" diÿip ÿazÿar.

Foma Akwinskiÿ bu pikirleri üçin rim katolki buthanasy tarapyndan goldanylÿar, we oña "Perişdeleriñ doktory" tituly berilÿär.1323-nji ÿylda ony mukaddesleriñ (swÿatoÿ) sanyna goşÿarlar,1879-njy ÿylda bolsa Fomanyñ sholastiki ulgamy Papa Lew XIII tarapyndan "katolisizmiñ ÿeke täk hakyky filosofiÿasy"diÿlip yglan edilÿär.

Feodalizmiñ ezişleri we zorluklary,eden-etdilik we deñsizlik ezilýän synplaryñ garşylygyna getirýär.Rim katolik buthanasynyñ we papalygyñ garşysyna dörän bu hereketler ýeresler adyny alýar.

Feodal gatnaşyklarynyñ ewolýusiýasynyñ birinji etabynda (V-XI as.) günbatar ýewropadaky erisleriñ entek köpçülikleýin bazasy bolmandyr. XI-XII asyrlarda ýeretiki hereketleriñ ýokary göterlişi bolup geçýär. Olarda eýýäm adamlaryñ ähmiýetli toparlary gatnaşyp başlapdyrlar. Olaryñ ýaýran etraplary esasanam demirgazyk Italiýa, g.o. Fransiýa, Flandriýa, Germaniýanyñ käbir bölekleri bolupdyr.Biraz gijiräk XIV-XV asyrlarda daýhan-plebeý we býurger (şäherliler) ýeresleri özbaşdak akym hökmünde aýdyñ ýüze çykypdyr.Iñ garyp plebeý-daýhan köpçüliginiñ bähbitlerini goraýan ýeretik hereketleriñ programmasy dine ynanýanlary buthananyñ irki hristian görnüşine gaýdyp gelmäge çagyrýar.Ondan başga-da olar irki hristian deñligiñ dikeldilmegini şeýle hem ol normalaryñ raýat gatnaşyklarynda hem ulanylmagyny talap edipdirler.Injil ýeretikleriñ elinde örän güýçli ýarag bolupdyr.Dworýanlaryñ daýhanlar bilen deñleşdirilmegini, salgytlaryñ dürli görnüşleriniñ ýatyrylmagyny talap edipdirler. Şonda rim katolik buthanasy injili okamagy gadagan edupdir.

Býurger ereslerininñ görnükli wekilleri- dini doctor we Oksford uniwersitetiniñ professor Jon Uiklif (1324-1384) we çeh teology Ýan Gus (1371-1415) . Jon Uiklif iñlis buthanasynyñ garaşsyzlygy ugrunda çykyş edipdir.Ýan gus hem Uiklifiñ yzyny dowam etdiriji bolupdyr. Buthana we feudal döwleti ýeresler bilen göreşipdirler, olary jezalandyrypdyrlar emma, şoda-da ol hereketiñ soñuna çykyp bilmändirler.XVI-XVII asyrlaryñ irki burzuaz rewolýusiýalaryna (Germaniýa,Gollandiýa, Angliýa ) gatnaşanlaryñ ideologiýasyna-da daýhan-plebeý ereslerininñ alamaylary ornaşypdyr.

## Häzirkizaman syýasy pikir we syýasy mekdepler.

### XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlaryndaky syýasy ideýalaryň gelip çykyşy.

Syýasy taglymat (grek sözi Theria sözünden terjime edeniňde-gözegçilik etmek, öwrenmek)-syýasat hakyndaky ideýalaryň, jemgyýetiň syýasy durmuşynyň proseslerini we hadysalaryny, halkara gatnaşyklaryny häsiýetlendirýän we şöhlelendirýän, umuman kesgitli aýdanymyzda syýasy institutlaryň mazmunyny, gurluşyny, işleýşi mehanizmi we olaryň maksatnamalaryny hem-de gymmatlyklaryny düşündirýän bilimleriň ulgamydyr.

Syýasy doktrina - (latyn sözi doktrina sözünden terjime edilende - taglymat) – ykdysady, syýasy, harby gymmatlyklary we maksatlary şeýle hem olary amala aşyrmagyň görnüşlerini bit bitewi görnüşde beýan etýän, öňdebaryjy teoretiki ýa-da syýasy prinsipdir.

“Taglymaty”, “doktrina” düşünjeleri syýasy partiýalara, hereketlere we häzirkizaman syýasy pikiriniň ideýa-syýasy ugurlaryna mahsus düşünjelerdir.

Birnäçe döwletler, partiýalar, hereketler tarapyndan häzirkizamanyň köp syýasy meseleleriniň çözülmegi netijesinde birnäçe ideýasy ugurlary ýüze çykarmak mümkin boldy. Şol ugurlar boýunça soňky döwürlerde jemgyýetçilik-syýasy pikiriişjeňleşdi. Olardan esaslary: neoliberalizm, neokonserwatizm, durmuş demokratik, etnosyýasy dini-syyasy, häzirkizaman ekstrilist ugurlardyr.

Şeýlelikde, ideýa-syýasy akym hökmünde neolibaralizm nämäni aňladýar?

Liberalizm XVII asyrda emele gelip, XIX asyryň ideýa syyasy akym hökmünde kemala geldi. Onuň esasy taglymaty T.Gobbs, Dź.Lokk, Ş.L.Monteske we beýleki birnäçe ýewropa

magaryfçylygyň wekilleriniň işlerinde beýan edilen indiwidual zatlyk ideýasydyr.

Ỳöne ilki başda liberal dünýägaraýşynyň üns merkezinde şahsyýetiň erkin ösüşibolman, azatlygyň “bazar” bilen baglanyşygyny hususy telekeçiligiň erkinligi bolupdyr. XIX asyryň 2 ýarymynda başlap kapitalizmiň garşylyklarynyň ýitileşmegi netijesinde jemgyýeti durnuklaşdyrmak meselesi boýunça burźuaz jemgyýetçilik pikiriniň liberal we konserwatiw akymlarynyň arasynda agzalyk başlandy.

Beýleki ideýa-syýasy akymlar ýaly liberalizm hem ösüşiň syýasy düzgünlerini üýtgetdi. Ol A.Smitiň plassiki liberalizmden Żon Stýuart Miliň liberal reformizimine ondan soň bolsa keýsiançylyk ideýalaryna we özüniň häzirkizaman görnüşi bolan – neoliberalizme ewolýusion ýol bilen ösüp ýetdi. Bu içki ewolýusiýanyň esasyny akymyň tarapdarlarynyň döwletiň durmuş we ykdysady roly hakyndaky mesele bolan gatnaşygydyr.

Burźuaz-liberal reformizminiň kemala gelemginiň başlangyjy ABŞ-da F.Ruzweltiň “Täze kursy” bilen goýuldy, şeýlelikde döwletiň roly has güýçlendi. Neoliberalizm amerikan syýasy durmuşynda demokratlaryň dolandyran döwründe ýagny 60-70-nji ýyllarda agalyk etdi. Ol diňe 80-nji ýyllaryň başlarynda ABŞ-da häkimiýet başyny P.Peýgonyň baştutanlygynda neokonserwatorlaryň gelmegi bilen öz agalygyny bes etdi.

Liberalizmiň meýilnamasy ABŞ-nyň demokratiki partiýasynyň syýasatynyň ideýa esasy bolup hyzmat edýär. Noliberallaryň toparyna birnäçe belli amerikan alymlary (şol sanda Gorward Dźon Gelbreýt) şeýle hem senatorlar we hökümetiň agzalary degişlidirler. Häzirki wagtda ABŞ-nyň demokratlar häkimiýetiň başynda durýarlar (prezident B.Klinton), 2001-nji ýyldan başlap häkimiýet başyna Dź. Buşuňýolbaşçylygynda ýene-de respublikanlar geldi.

Liberalizmiň teoretiki we syýasy meýilnamasynyň esasy elementleri haýsylar? Bu meýilnamanyň esasy düzgüni şu aşakdakylardyr: jemgyýetiň ykdysady we durmuş meselelerine çözmekde döwletiň işjeň roly biznesiň durmuş jogapkärçiligini talap etmek çakdanaşa özbaşdaklykdan boýun towlamak, maddy gymmatlyklary jemgyýetiň gatlaklarynyň peýdasyna paýlamak, jemgyýetçilik sary edşi fondlaryny giňeltmek (hassahanalar, mekdepler, ykdysady yzagalýanlygy goldamak).

Şeýlelik bilen syýasy pikirleniş we syýasy tejribe hökmünde kemala gelip Liberalizm (biraz soňrak neoliberalizm) antiki syýasy medeniýetde kemala gelen halk häkimiýeti ideýasyny kabul edýär. Häzirkizaman syýasy ylmy döwlete adama, jemgyýete garaşly bolmadyk, şonuň üçin hem olary bir-birinden gorap bilýän güýç hökmünde ---- liberallaryň gazanan üstünligine degişli edýär.

Liberalizm iň bir öňdebaryjy ideýa-syýasy akymlaryň biri bolman, eýsem onuň wekilleri, şol sanda häzirkizaman wekillerem dünýä jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň ösüşine saldamly goşant goşdylar.

Jemgyýetçilik, şol sanda hem durmuş-syýasy pikiriň ösüşi Günbatar ýurtlarynda iki ugura bölünýär: konserwatizm we liberalizm. Konserwatiw ugur özüniň, häzirkizaman görnüşinde (neokonserwatizm) aňyýet we syýasat pudagynda umumy sypatlary gabat gelýän birnäçe garaýyşlardan, ideýalardan we taglymatlardan durýar.

Konserwatizm (sopçeuare diýen latyn sözünden terjime edeniňde-saklamak, guramak) – syýasy we jemgyýetçilik durmuşynyň, ilkinji nobatda onuň hukuk we ahlak esaslarynyň taryhy kemala gelen görnüşini saklamaga we goramaga esaslanýan ideýalaryň, garaýyşlaryň durmuş-syýasy ulgamydyr.

Konserwatizm düşünjesiniň döremegine iňlis burźuaz ynkylabynyň döwürdeşi, görnükliiňlis akyldary T.Gobbysyň

ady bilen baglanyşdyrýarlar. Konserwatizm aňyýeti özüniň soňraky ösüşlerine ABŞ-da eýe bolýar.

Konserwatizm aňyýetiniň amerikan görnüşi onuň taryhynyň bütin dowamynda birnäçe görnüşlerde ýaşady. Olaryň ilkinjileriniň biri XVIII asyrdaky XIX asyryň ortalaryndaky ýewropa klassiki konserwatizmidir. Ony başgaça tradisionalizm diýip hem atlandyrýarlar. Tradisionalizm amerikan konserwatiw pikirleriniň esasy çeşmesi bolýar. Onuň ideýalarynyň içinde esasy orny klassiki konserwatizmiň düzgünleri eýeledi, ýagny: hususy eýeçiligi we hususy telekeçiligi döwletiň goşulyşmagyndan we onuň dolandyryşyndan goramak, maşgala din, özbaşdaklyk prinsipleri bilen baglanyşykly öňdne dowam edip gelýän gymmatlyklary saklamak.

Ikinji görnüşi – liberalizm. Onda klassiki konserwatizm ideýalary "klassikiliberalizmiň" ideýalary bilen özara baglanşykly hereket edýärler öňi bilen hem "erkin bazar" ideýalary bilen. Başgaça aýdylanda liberalizm "bazar" konserwatizmidir.

Üçünji amerikan konserwatizminiň iň häzirkizaman görnüşi – neokonserwatizm (bu ugur XX asyryň 70-nji ýyllarynda döreýär). Konserwatizmiň önki iki görnüşinden tapawutlylykda neonkonserwatizm ykdysadyýete döwletiň goşulyşmagynyň hökmanydygyny we onuň birnäçe durmuş wezipeleriň belli bir derejede gysgaldylmagyny we çäklendirilmegini talap edýär. Jemgyýetde döwletiň orny hakyndaky meselede neokonserwatorlaryň şygary hökmünde "Iň gowy döwlet azlygyň dolandyýan döwletdir" diýen şygar bolupdyr. Konserwatizmiň bu üçünji görnüşiniň döremekligi we onuň öňdebaryjy aňyýet hökmünde berkemegi ABŞ-da liberalizm aňyýetiniň meşhurlygynyň pese gaçmagyna getirýär.

Günbatarda konserwatizmiň gaýtadan döreýşi 80-nji ýyllarda bolup geçdi. Edil şol döwürde öňdebaryjy günbatar ýurtlarynda ýokary döwlet wezipelerine ABŞ-da Ronald

Reýgan, Beýik Britaniýada Margarýat Tetçer ýaly konserwatiw işçiler saýlanyldy. Ondan soňrak GFR-de Gelmut Kol kansler boldy. 90-njy ýyllaryň başlarynda hem ABŞ-da we Angliýada döwlet baştutanlarynyň ornuna gelenler hem Dź.Buş we Dźon Meýdźor ýaly konserwatiw liderlerdir.

Häzirki wagtda Günbatarda konserwatizim özüniň öňdebaryjy intellektual akym we agalyk ediji syýasy güýç ýagdaýyny saklaýar. Günbataryň köp ýurtlarynyň içeri we daşary syýasatynyň esasy prinsipleri, neokonserwatiw uguryň görnükli alymlary tarapyndan işlenip düzülýär.

Indi bolsa neokonserwatizm aňyýetiniň esasy sypatlaryna seredip geçeliň. Ilki bilen bu aňyýetiň durmuş bazasyny "täze orta gatlagyň" düzýänligini bellemek zerurdyr, şol sanda maýda we orta hususyýetçiler we zähmetkeşleriň täze görnüşiniň wekilleri-önümçilik işgärleri degişlidirler.

Neokonserwatizmiň beýleki ideýa-syýasy akymlar bilen özara hereketiniň çäkleri giň; neoliberalizmden we nesosializmden ahyrky ekstremizme we nefaşizme çenli dowam edýär.

Sosializm-ideýa-syýasy akym we jemgyyetçilik-syýasy pikiriniň ugurlarynyň biri hökmünde häzirki gün hem meşhurlygyny ýitirenok. Ỳöne ol birsydyrgyn görnüşde däldir. 1914-nji ýylda birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen ýeke-täk sosialistik hereket ýaşamagyny bes etdi. Häzirki wagtda sosialistik hereket birnäçe şahalardan düzülýär.

Häzirki zaman syýasy pikiriniň ýene bir ugry, etnosyýasy ugurdyr. Etnosyýasy ideýalaryň we taglymatlarynyň deňeşdirilip seljerilmegi olaryň has umumy sypatlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Olara şu aşakdakylar degişlidirler: her bir milletiň, halkyýetiň, taýpanyň, etnosyň islendik durmuş görnüşiniň garaşsyz ösmäge we öz-özüni kesgitlemäge hukugynyň amala aşyrylmagy, her bir etnosyň özünde bar bolan territoriýa we onuň baýlyklaryna çäklendirilmedik özbaşdak eýeçiliginiň bolmagy, ähli

jemgyýetçilik meseleleri çözülende milletiň, halkyýetiň we taýpanyň etnosyýasy bähbitleriniň ýokary tutulmagy. Şeýlelikde, has kiçi etnoslaryň hem bähbitlerini üpjin etmekligiň usuly döwlet özbaşdaklygydyr.

Häzirkizaman etnosyýasy ideýalar we taglymatlar syýasy meseleleri çözmeklige uly täsir edýärler.

XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň ýene-de bir ugry-ekologa-syýasy ugry däldir. Ol jemgyyetiň tebigat bilen global dawasynyň esasynda döreýär. Howanyň hapalanmagy, suwuň, ýeriň zaýalanmagy, ösümlik we haýwanat dünýäsine ýetirilýän zyýanlar, adamyň biologiki görnüşde ýaşamagyna howp salýar. Ekologo-syýasy akymlaryň örän köpsanly bolsada, olara umumy sypatlar mahsusdyr. Olaryň iň esasysy adamzada howp salýan ekologik heläkçiligiň öňüni ähli döwletleriň kömegi bilen almaklyga synanyşykdyr.

Ähli häzirkizaman ideýa-syýasy ugurlaryň ösmekligi jemgyýetçilik-syýasy pikirinde has işjeň ekspemist akymlaryň bolmagy bilen çylşyrymlaşýar. Dürli-dürli ideýa-syýasy akymlaryna ekstremist diýip at berýärler, ýagny: neofaşistik we traskistik, radikal yslam fundamentamizmi we kamodja maoizmi ekstremistik taglymatlar adamlarda milletçilik, ýykgynçylyk, görüplik duýgularyna döredýär. Ekstremistik ideýalar demokratizmiň we liberalizmiň ideýalaryna gapma-garşydyr.

80-90-njy ýyllarda troskistik we neofaşistik taglymatlar has işjeň ýagdaýda bolýarlar.

Umuman olaryň ideýasy proletariatyň güýji bilen dünýä sosialistik ynkylabyny dowam etdirmeklige syrygýar.

Bu taglymatyň ideýalary ähli zähmetkeşleri proletariata degişli edýärler. Hatda olaryň ýaragly zorluga çagyryşlary hem bar.

Germaniýada, Italiýada we Amerikada ýaýran neofaşistik taglymatdyr Gitleriň we Mussaliniň ideýalaryndan we taglymatlaryndan tapawutlanýarlar. Ỳöne bu konsepsiýanyň

we olary esaslandyryjylaryň birikdirji görkeziji bar, ýagny: olar demokratiýanyň we adamyň hukuklarynyň garşysyna gönükdirilen şeýle hem, diktaturanyň, totalitarizmiň, zorlugyň zerurdygyny esaslandyrýarlar. Olaryň hemmesi milletçilige daýanmaga synanyşýarlar.

## Syýasy taglymatlaryň ösüşiniň esasy etaplary.

Syýasatnama bilen ýakyndan tanyşmak üçin ilkinji bilen onuň ideýalarynyň taryhyna, döreýşine we baýlaşyşyna esasy ünsi bermelidir. Bilimiň hiç-bir pudagynda aňsat ýoluň bolmaýşy ýaly syýasat hakyndaky bar. Olaryň köpüsi hut dünýä siwilizasiýasynyň syýasy pikiriniň taryhçy düzýär.

Syýasy pikiriň döreýşi öz köklerini jemgyýetde synplaryň döremeginde, we döwletleriň döräp başlamagyndan alyp gaýdýar. Onuň döreýşi Gündogaryň (Müsür, Wawilon, Hindistan, Hytaý, Eýran) we Günbataryň (Gresiýa, Rim) gadym halklarynyň ykbaly bilen berk baglanşyklydyr. Syýasy-hukuk taglymatlary özüniň irki stadiýasynda özbaşdak bilim pudagy hökmünde ýaşamandyr, diňe şol döwürde bar bolan mifologik we filosofik garaýyşlaryň sostaw bölegi hökmünde ýaşapdyr. Syýasy garaýyşlar dürli ýurtlarda dürli-dürliligi bilen tapawutlanýarlar. Umuman syýasy pikiriň taryhynda Pifagor, Geraklit, Demokrit, Sokrat, Glaton, Aristotel, Epikur, Konfusiý, Foma Akwinskiý, Gobbs, Kant, Fihte, Gegel, Çernyşewskiý, Gersen, Marks, Engels, Lenin şeýle hem Makiawelli, Boden, Grosiý, Russo, Dźeferson, Peýn, Konstan we başga syýasy akyldarlaryň, ýuristleriň döwlet işgärleriniň syýasy garaýyşlary esasy ünsi çekýär.

Adamzat asyrdan-asyr nesilden-nesle geçip, şol nesilleriň toplan baýlygyna eýedir. Häzirki zaman syýasatnamasynyň binýady syýasy pikiriň fundamentinde dur. Onuň wezipesi teoretiki taglymatlary, ideýalary, ýagdaýlary, adamzat aklynyň baýlyklaryny bize ýetirmek.

Syýasy pikiriň antik döwri b.e.ön I müňýyllykdan b.e. V asyryna çenli döwri öz içine alýar, bu döwür gülläp ösüş we Gadymy Gresiýada we Rimde döwletliligiň ýykylmagy bilen gabat gelýär. Syýasy pikir antik filosofiýanyň aýrylmaz bölegidir. Filosoflar dünýä hakynda pikir edip adamzat jemgyýetinden aýlanyp geçip bilmändirler. Gadymy Grek filosofiýasynyň we syýasy-hukuk pikiriniň iň gülläp ösen döwri b.e.öň V-IV asyrlarda ol Demokritiň, sofistleriň, Sokratyň, Platonyň, Aristoteliň taglymatlarynda öz beýanyny tapýar. Platon bilen Aristoteliň üstünde has takyk durup geçeliň, sebäbi olar diňe bir antik döwriň däl-de, eýsem bütin filosofiýanyň taryhynyň beýik akyldarlary.

Platon (427-347) ý.b.e öň) abraýly maşgaladan bolupdyr, ýaşlykda Sokratyň okuwçysy bolupdyr. Öz mugallymynyň ölüminden soň Platon uzak wagtlap syýahat edýär, soňra Afina dolanyp gelip şäheriň gyrasynda gök meýdanlykda ýer alýar. Ol ýer gahryman Akademiň adyny göteripdir.

Şol ýer-de belli Akademiýany esaslandyrypdyr, ol ömrüniň ahyryna çenli şol Akademiýa ýolbaşçylyk edipdir. Ol özüniň eserlerini diolog görnüşinde ýazypdyr. Onuň syýasy taglymatlaryny “Döwlet” we “Kanun” diýen diologlarda beýan edilen.

Platon-obýektiw idealist. Hakyky ýaşaýyş Platonyň pikiriçe bolup bilmejek ideýalar. Hakyky dünýä, wakalar hakyky däl. Ol diňe ideýalar dünýäsiniň gowşak kölegesi. “Döwlet” diýen dialogynda Platon ideal, adalat döwletini sypatlandyrýar.

Platon özüniň ideal döwletini 2 esasy prinsip boýunça gurýar: zähmetiň bölünmegi we hojalygyň bütewiligi. Döwletde adamlar üç gatlakdan: Häkimdarlar, esgerler, önüm öndürijiler (ekerançylar we hünärmentler) filosoflar hökümdarlyk etmegi, esgerleriň hususy eýeçiligi umumy

bolmaly, üçünji gatlagyň durmuş obrazyny hökümdarlar kesgitlemeli diýip belleýär.

Arsitotel (b.e. öň. 384-322 ýý.) ol Platonyň okuwçysy hem tankytçysy bolupdyr. Onuň şeýle aýdan sözleri bar: “Platon meniň dostum, ýöne hakykat gymmatlydyr”. Aristotel Platonyň Akademiýasynda okaýar we onuň düýbüni tutujysy dünýede ötýänçä, şol Akademiýada okadýar. Soňra 2 ýyllap makedon patşasy Fimen II-niň çagyryşy boýunça onuň ogluny Aleksandr M-ny terbiýeleýär. Afina gaýdyp gelenden soň Aristotel özüniň filosofiýa meýletin esaslandyrýar. “Aristoteliň” “syýasat”, “Afini polisiýasy”, “Etika” diýen işleri syýasy tematika bagyşlanandyr.

Aristoteliň – dünýä bolan başga bir garaýşyň tarapdary. Ol real hakykaty tejribe-ylmy barlag etmegi öňe sürýär. Taryhda ilkinji bolup syýasat hakyndaky ylmy hemmetaraplaýyn işlemäge synanyşýar, we syýasy iň esasy diýip baha berýär. Aristoteliň pikiriçe, ol maşgala, oba ýaly ilkinji birleşlilerden durýar. Ỳöne döwlet iň ýokary birleşmedir. Adamzat öz tebigaty boýunça syýasy jandar, döwletde bolsa onuň syýasy tebigaty amala aşýar. Aristotel Platonyň “”döwleti çendenaşa bitewileşdirmäge synanşygyny tankytlaýar. Aristoteliň pikiri boýunça “birnäçe görnüşlerinden durýan gurluş has gowy”. Ondan başga-da Aristotel maşgalanyň, hususy eýeçiligiň, indiwidiň bähbitlerini goraýjy hökmünde çykyş edýär. Aristoteldöwletiň “daglar” we “nädogry” görnüşlerini tapawutlandyrýar, birinjiden hökümdar bütin halkyň bähbidini göz öňüne tutýar, ikinjiden diňe öz bähbidini.

## Gadymy Gresiýanyň we Gadymy Rimiň syýasy taglymatlary.

Gadymy Gresiýanyň syýasy ideýalar bitewi sistemalaýyn teoriýany emele getiripdirler. Munuň şeýle bolmagyna birnäçe ýagdaýlar sebäp bolupdyr. Jemgiýetçilik zähmetiniň bölünmegi

diňe bir önümçiligiň ösmegine ýa-da jemgiýetiň gullar we gul eýeleri ýaly synplara bölünmegine getirmän, eýsem adamlaryň belli bir toparlaryna hojalyk işlerinden çetleşip, diňe akyl zähmeti bilen meşgullanma, jemgiýetçilik gurluşygynyň teoriýasyny döretmäge mümkinçilik berdi. Mundan başgada jemgiýetçilik durmuşynyň ýola goýulşynyň seýrek duş gelýän formasy bolan polisler (ummasyz köp ilaty bolmadyk şäher ýakalaryndaky obalary öz içine alýan şäher- döwletdir) syýasy taglymatlaryň işjeň ösmegine ýardam berýärdi. Şeýle döwletde syýasat bilen meşgullanmak ähli erkin raýatlaryň hukugyna we borçlaryna öwrülipdir. Olar Halk Maslahatynda ses bermek arkaly döwlet işleriniň çözgütlerine gatnaşypdyrlar. Polislerde gullaryň we gul eýeleriniň arasynda mydama ýiti göreş gidipdir. Ýurduň içinde agalyk edýän toparlaryň ylalaşykly bile ýaşamaklygynyň öňde baryjy (medeniýetleşen) ugurlaryny we serişdelerini gözlemek (agtarmak) iň zerur meseleleriň biri bolupdyr.

Platon_(427-347ý. biziň eramyzdan öň ýaşapdyr) Afinada «Akademiýa» diýlip atlandyrylan mekdebiň düýbüni tutýar. Platon gadymy dünýäniň iň meşhur akyldarlarynyň biri bolupdyr. Ol öz syýasy ideýalaryny «Döwlet», «Syýasatçy», «Kanunlar» atly işlerinde beýan edipdir. Platon obýektiw ideolizmiň tarapdarydyr. Platonyň pikiriçe özbaşdak dini ideýalarynyň üýtgemeýän, baky dünýäsi dowam edýär, daş-töweregimizi gurşap alan dünýä bolsa onuň ýoýulan nusgasydyr. Platon jemgiýete baky ideýalarynyň aýnasy diýip düşünipdir, hem-de ol jemgiýetiň adamlardan we olary gurşap alan dünýä dahylsyz, özbaşdak ýaşaýandygyny, dowam edýändigini nygtapdyr. Jemgyýetiň ýaşamagynyň we ösmeginiň iň wajyp formasy hökmünde ol Döwleti belläp geçipdir. Ol «Döwlet» atly eserinde ajaýyp döwletiň obrazyny suratlandyrypdyr. Bu döwlet 3 gatlakdan:

Hökümdar- filosoflardan, sakçy – esgerlerden, senetçiler we daýhanlardan ybarat bolupdyr. Bu gatlaklaryň iýerarhiýasy (aşakdan ýokarlygyna gidýän yzygiderlilik) ynsan ruhunyň 3 sany başlangyjyna gabat gelýär. Olar şulardan ybarat:

Pähim- paýhaslylyk, Gaýduwsyzlyk we Işeňňirlik**.** Her gatlak öz işleri bilen meşgul bolýar: Akyldarlar- filosoflar ýurdy adalatly dolandyrýarlar, sebäbi diňe olaryň hakyky ylyma, bilime ygtyýarlary bar; Goragçy sakçy – esgerler jemgiýeti goraýarlar;

Senetçiler we daýhanlar bolsa durmuşyň maddy serişdelerini döredýärler. Sakçy esgerler maşgaladan, dürli eýeçilikden mahrumdyr. Päkligiň ahlaklylygyň ýokary derejesi hakyky ylym, bilim bolup, ol diňe ajaýyp döwletde emele gelmegi mümkindir. Platon kämil aristokratiýany, ýagny filosof-akyldarlaryň häkimliligini, iň ajaýyp kämil döwlet diýip hasaplapdyr. Döwlet gurluşynyň beýleki 4 formasy timokratiýa (harbylaryň hökümdarlyk etmegi), oligarhiýa (baýlaryň hökümdarlyk etmegi), demokratiýa (halk häkimýeti**),** tiraniýa(çäklendirilmedik hökümdarlyk) kämil däl hasaplanylýar.

Platonyň ilkinji bolup syýasatyň, döwletiň we sosial öwrilşikleriň (zähmetiň bölünmegi, dürli gatlaklaryň emele gelmegi) özara baglanşygynyň bardygyny görkezip geçendigini bellemek wajypdyr.

Aristotel_( 384-322ý. biziň eramyzdan öň ýaşapdyr) Platonyň okuwçysy bolupdyr. Onuň taglymaty Platonyňka garanyňda hakykata has ýakyndyr, sebäbi ol 158 sany Grek polisleriniň ýaşaýyş we işleýşini tejribesini umumylaşdyrypdyr, jemläpdir hem-de öz netijeliligini «Syýasat» atly işinde beýan edipdir.

Aristotel hemme taraplaýyn kämil (idel) döwletiň emele gelmejekdigini belläp geçipdir. Döwlet hudaý tarapyn döredilmän eýsem ol jemgyýetiň tebigy ösüşiniň netijesi diýip aýdypdyr. Filosof döwletiň esasy maksady- öz raýatlary üçin «Iň gowy durmuşy» gurmakdan ybaratdyr diýipdir. Aristoteliň pikiriçe, döwlet adamalryň aragatnaşygyna bolan tebigy gyzyklanmasy netijesinde döreýär. Aragatnaşygyň ilkinji formasy – maşgala durmuşydyr. Birnäçe maşgaladan oba ýa-da urug peýda bolupdyr. Soňra bolsa bir näçe obanyň birleşmegi bilen döwlet, adamzadyň jemgyýetçilik formasy emele gelipdir.

Döwlet bitewiligi Aristotelde Platonyňka garanyňda tapawutlydyr. Onda hususy eýeçilik maşgala durmuşy öz ornuny tapýar. Aristotel döwlete adalatlylygyň, kanunçylygyň, onuň erkin raýatlarynyň ählisiniň bähbitleriniň beýan tapýan ýeri hökmünde garapdyr. Ýöne bar bolan döwlet formalarynyň ählisi mynasyp adamlara eşretli, maddy gymmatlyklary deň derejede adalatly paýlap bilmeýär diýip belleýär. Aristotel döwlet gurluşynyň formalaryny 2 ugur boýunça kesgitläpdir:

1) Häkimlik edýänleriň mukdary;
2) Häkimligiň maksatlary;

Ol monarhiýany, aristokratiýany we politiýa dogry formalar hasaplapdyr. Sebäbi olarda hökümdarlar öz raýatlarynyň ählisiniň bähbitlerini gorapdyrlar. Döwlet formalarynyň nädogry görnüşlerinde (tiraniýa, oligarhiýa, demokratiýa) hökümdarlar öz betnebis bähbitlerine gulluk edýärler diýip belleýär. Döwlet gurluşynyň iň oňat formasy hökmünde Aristotel politiýany belläp geçipdir (politiýa emläge we bilime senzleri (çäklendirilen hukuk) bolan köpçiligiň häkimligidir).

Politiýa garyşyk režim baradaky ideýalary aýdyň şöhlelendirýän döwlet gurluşynyň takyk formasydyr. Ol aristokratiýanyň (ýagşy zada hökümdarlar), oligarhiýanyň (baýlyk), demokratiýanyň (azatlyk, erkinlik) iň oňat

häsiýetlerini özünde jemleýär. Biziň dilimiz bilen aýdanymyzda politiýa – aralyk synplaryň bähbitlerine ýardam beriji häkimlikdir.

Siseron Rim akyldarlaryň arasynda döwlet işgäri we filosof Mark Tuliýa Siseron (106-43ý. b. e. ö) ideýalaryna aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. «Döwlet barada», « Kanunlar barada» atly işlerinde ol Rim döwletini kämilleşdirmekligiň mehanizmlerini kesgitlemäge çalyşypdyr. Siseronyň aýtmagyna görä döwlet köp adamalryň birleşmesi bolup, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary olaryň hukuk meselelerinde we beýleki bähbitlerinde umumylygy hem-de raýdaşlygy ýola goýar. Olaryň (raýdaşlygy) ylalaşykly ynsan tebigatyna mahsus bolan häsiýetlerine, pähim paýhaslylyga, adalatlylyga esaslanýar, daýanýar. Pähim paýhaslylyk, adalatlylyk tebigy hukukdyr, iň ýokary we hak kanundyr. Siseronyň dolandyrýanlaryň ( hökümdarlar, häkimýetler) bilen dolandyrylýanlaryň (raýatlar) arasyndaky gatnaşyklara hukuk prinsiplerini girizmegi we ony ýola goýmagy uly sylag-hormata eýedir «Kanunyň hereketleri diňe bir belli – belli adamlara däl-de eýsem hemmelere öz täsirini deň ýetirmelidiir » diýipdir. Şeýlelik bilen ol hukuk döwletiniň taglymatlarynyň esaslarynyň düýbüni tutdy. Döwlet gurluşynyň iň oňat görnüşi hökmünde Siseron «garyşyk» formasyny ykrar edipdir. Ol patyşa häkimýetiniň (öz raýatlary barada monarhyň aladalary), aristokratiýanyň (hökümdarlaryň parasatlylygy) we demokratiýanyň (halkyň azatlygy, erkinligi) artykmaç iň gowy taraplaryny özünde jemläpdir.

## XIX - XX asyrlarda syýasy-filosofiki garaýyşlar.

Syýasatyň filisofiýasynda seredilýän taryhy döwürlerde bir näçe hil taýdan täze, käbir halatlarda gapma-garşyly nazary okuwlaryň emele gelmegi syn edilýär.

XIX-asyryň 40-njy ýyllarynda täze taglymat - marksizm döredi. Bu taglymat işji halkyň ideologiýasy diýen ady aldy. Şol wagtda işçileriň azatlyk ugrundaky göreşi ösýär we bir topar meseleleri öňe sürýär. Olary çözmekde bir näçe taglymatlar emele gelýärler. Göreşde üstün gazanmagyň serişdelerini görgezmek üçin marksizm hyzmat edýär.

Marksizm taglymatyny esaslandyryjylar Karl Marks we Fridrih Engelsdir. Olaryň dünýä ýaýran esasy eserleriniň ady «Kapital» eseri. Marksyň we Engelsiň miras goýan taglymatynyň töweregindäki jedeller indi 150 ýyl bäre dowam edip gelýärler. Marksizm diňe bir nazary pikiriň ugry däl-de, eýsem XIX-XX asyrlaryň köpçülikleýin jemgyýetçilik hereketi, ilkinji nobatda hem, işçileriň sosialiatik hereketi bilen berk baglanyşykly. Marksizm ilki bilen German social-demokratik partiýasynda esasy maksatnamalarynda öz beýanyny tapdy, soňra Günbatar ýurtlaryna, Russiýa we Gündogar ýurtlaryna hem ýaýrady. Esasan, işçileriň we progressiw intelligensiýasynyň arasynda goldaw tapdy. Kommunistik düzgünlere gelen ýurtlarda bolsa döwlet ideologiýasy hökmünde kabul edildi.

Marks öz döwrüniň ähli sosial ylymlaryny-ykdysady, taryhy, hukuk, syýasy we beýleki ylymlary täzeçe öwrenmäge ýykgyn etdi. Hukuk, etiki, dini gymmatlyklary maddy bähbitler bilen deňesdireniňde ikinji bir zat hökmünde marksizm inkär edýär. Şu taglymata görä, önümçilik gatnaşyklary esasy - bazisi emele getirýär, şonuň esasynda adamlaryň beýleki, ýagny hukuk, syýasy, ideologiýa gatnaşyklary emele gelýär diýip hasaplanýar. Synpy göreş -

jemgyýetçilik ösüşiniň herekete getiriji güýji diýip hasap edilýär. Synpy göreş ynkylaba (rewolýusiýa) getirýär, ol bolsa köne jemgyýeti ýykýar we köne häkimiýeti agdarýar.

Marks we Engels adam belli bir derejede guramaçylyksyz we dolandyryşsyz, abraýsyz we syýasy häkimiýetsiz ýaşap bilmejegine aýratyn dykgat çekýärdiler.

Emma olar syýasy ynkylabyň (rewolýusiýanyň) zorluk ulanmasynyň getirýän howpuna kembaha garaýardylar. Sowet häkimiýeti marksizmiň esasy ýagdaýlaryny özüçe üýtgedip, kommunistik ideologiýany döwlet ideologiýasyna öwürdiler. Diňe bir syýasatda we ykdysadyýetde däl, eýsem durmuşyň ähli sferalarynda, hat-da adamlaryň şahsy ýaşaýşynda hem döwlet ideologiýasy öz diýdimzorlugyny ýöredýärdi. Ýurtda agalyk edýän Kommunistik partiýanyň ygtyýary bolmasa, hiç kimiň özbaşdak hereket etmäge milti ýokdy. Iňňän kiçijik meseleleri hem merkeziň ygtyýary bilen çözmelidi. Kommunistik partiýa iş ýüzünde özüniň toparlaýyn bähbitlerini bütin halkyň boýnuna dakmakdan başga hiç zat etmeýärdi. Her bir şahsy inisiatiwa howply hadysa hökmünde garalyp, onuň rowaçlanmagyna ýol berilmeýärdi. Inisiatiwa diňe agalyk edýän partiýa tarapyndan orta atylmalydy.Bularyň hemmesi adamlaryň özi üçin işlemeýändiginden, olaryň öz ygtyýarynda hiç zadyň ýoklugyndan, şonuň üçinem hiç hili jogapkärçilik çekilmeýändiginden gelip çykýardy. Şu ýagdaýyň mundane beýläk uzak dowam etdirilmeginiň uly bir weýrançylygynyň üstünden eltjekdigi äşgär boldy. Onuň bolsa bütin dünýä möçberinde düýpli weýrançylyklaryň bolmagyna esas boljakdygy ikiuçsyzdy. Taryhy jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleriň netijesinde, kommunistik ideologiýanyň synmak prosesi başlandy.

Şeýlelik bilen, kommunistik ideologiýasynda öz gyşyrnykly beýanyny tapan, marksizm döwlet ideologiýasy

hökmünde ýaşamagyny bes etdi.Marksizm bilen bir hatarda marksistik däl filosofiýa hem döreýär. Bu filosofiýa dürli mekdeplerden, ugurlardan, garaýyşlardan ybaratdyr. Geçen taryhy döwürlerde başlanan ruhy öwrülişigi dowam edýän we tamamlaýn filosofiki taglymatlary ýökary derejede ykrar edildiler we giňden ýaýradylar. Ol filosofiki mekdepleriň üns merkezinde adamynyň ruhy dünýäsi, psihikasy, akyl ýetirmeýän bähbitleri, öňden duýmasy (intuisiýa), emosiýalary geçdi. Agzalan meseleler görnükli mekdepleriň esasy mowzuklary bolup durdylar. Bir näçe ýyllaryň dowamynda bu mekdepleriň ählisi burjuaz mekdepler diýilip atlandyrylýardylar. Munuň sebäbi, olaryň öwrenýän meseleleriniň üns merkezinde – adam we onuň özbaşdak (indiwidual) häsiýetleri durýardy. Bu bolsa baş ideologiýa garşy çykýardy, çünki bärde adam “şahsy ýüzinden” mahrum edilýärdi. XX asyryň ahyrlaryndan başlap Günbatar filosofiýanyň mekdepleri diýlip atlandyrylýar. Bu filosofiki mekdepleriň görnükli wekilleri bilen tanyşdyrmak isleýärin.

Filosofiki garaýyşlarynyň biri hökmünde psihoanaliziň düýbini awstriýaly hekim-psiholog Z. Freýd tarapyndan tutuldy. Ol adamzat ýaşaýsy üçin aň ýetirmegiň örän wajypdygyny ykrar edýär - onuň kömegi bilen şahsyýetler töwerekdäki gurşawda öz ugruny tapýarlar, diýmek öz «Menini” tapýarlar. Şahsyýetiň aň ýetirişi bilen bagly «Menden” başgada adamynyň psihikasynda Freýd ýenede iki sany düzüme dykgaty çekýär:

1. «Iň ýokary men” («Super men”) - ol şahsyýetiň psihikasyna geçirilen sosial möhüm prinsipleriň özbuluşly jemini aňladýar.

2. «Ol» - daşyndan görünmeýän adamynyň içki dünýäsi, aňdan daşary içki dünýä.

Z. Freýdiň esasy pikiri boýunça adamyň gylyk häsiýeti ýaşaýşynyň irki döwürlerinde içki ruhy aladalaryň täsiri astynda kemala gelýär.

Adam meselesini çözmek depgini ýokarlandyrylýar we XX asyr Günbatar filosofiýanyň esasy mowzugyna öwrülmäge başlaýar.

Filosofiki mekdepleriniň içinde XX asyryň 30 - 60 ýyllarynda iň täsirlisi ekzistensializm - adam barlygynyň filosofiýasydyr. Bu ugruň iň meşhur wekelleri K. Ýaspers, Ž. P. Sartr, H. Ortega- we-Gasset. Ekzistensializm – gadymy latyn «ekzistensiýa» sözünden emele gelýär. Bu söz «bar bolmak» düşünjäni aňladýar.

Z. P. Sartr – fransuz ýazyjysy we filosofy, eksizstensializmiň meşhur wekili. Onuň esasy eseriniň ady «Ekzistensializm - bu ynsanperwerlikdir" («Экзистенциализм – это гуманизм»). Ol ynsan ýaşaýşynyň özboluşlygyny düşündirmäge synanyşdy. Haýsydyr bir zady ýasajak bolanda adam ilki onuň ideýasyny emele getirýär. Bu ýerde zadyň bar bolmasyndan öň onuň häsiýetleri ýüze çykýarlar. Ynsan baradaky mesele düýbünden başgaçadyr. Ynsan çagasy dogulýar, ol eýýäm bardyr, emma ol indi adama mahsus häsiýetleri edinmeli, adam bolmaly. Bu ýerde şu şahsyýetiň özünden başga hiç kim onuň ýerine ynsan öwrülmek prosesini amala aşyryp bilmez. Egerde onuň adama öwrülmek prosesi amala aşmadyk bolsa, muňa onuň diňe özi günäkärdir. Ynsan ykbaly – hemişe ýolda bolmak, öz özboluşlylygyňa eýe bolmakdyr – diýip tassyklaýar.

XX asyryň Günbatar filosofiýanyň mekdeplerinde ynsanyň ýaşaýyşy bilen birlikde onuň ölümine hem uly üns berilýär.

A. Kamü – fransuz filosofy we syýasatçysy – öz eserlerinde adamyň ölüminine hem kän üns berip geçýar. Esasy eseri – «Sizif hakynda efsana” («Миф о Сезифе»). Adamyň durmuşynda çykgynsyz ýagdaýlar dörän wagtynda, käbir adamlar özüne kast etdýärler. Bu mesele adamyň psihiki taýdan gowşamagynyň netijesi bolup durýar. Her bir adam üçin ynsanperwerlik wezipesi çykgynsyz ýagdaýa düşen, özüne kast etmäge ýakyn baran adama kömek bermekde onuň ýaşaýşyny goramakda görýär. Bu bolsa adamlaryň arasynda psihiki taýdan amatly gatnaşyklaryň sazlaşdyrylmagy netijesinde peýda bolar. Ýaşaýyş - bu adam üçin deňi-taýy bolmadyk gymmatlykdyr. Emma bu ýaşaýyş hemişe ölüm bilen serhetleşip gelýär. Ölüm gelende ynsan adyna mynasyp ölmäni basarmalydyr. Ýaşaýyşa umyt bar wagtynda ölüm bilen göreşmelidir, beýleki adamlar hem bu göreşde goldaw bermelidir – bu duýgy işlendik adamlarda bolmagy zerur we beýik başarnykdyr. Muny durmuşyň özi öwredýär. Adaty ýagdaýdaky ynsan ýaşaýyşa höwes edýändir, ol ýaşaýşyň güýjine bil baglamagy öwrenendir. Ölüm barada bolsa adam diňe ol ýakyn gelende we özi çykgynsyz ýagdaýa düşeninde pikir edýändir. Bu filosofiki pikiriniň soňky setirleri bolsa her bir adama mahsusdyrlar, bu adamynyň psihikasynyň adaty, normal ýagdaýdadygyny aňladýar. XX asyryň ahyrlarynda - XXI asyryň başynda dünýä arenasynda düýbinden täze syýasy- filosofiki garaýyşlar kemala gelýärler. Bu garaýyşlaryň esasy mowzugy – adalatly, ynsanperwer ideýalaryň astynda döwleti gurmak we adamy terbiýelemekdir.

# EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. - Aşgabat. 2009.

15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-

njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
29. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
30. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
31. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

32. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
33. Введение в философию. Учебник для ВУЗов. В 2-х томах. М., 1989.
34. Панарин А.С. Философия политики. М.,1996.
35. История политических и правовых учений. XIX век. М., 1995.
36. История политических и правовых учений. М., 2000.
37. N.Макиавелли. Государь. М., 1997.
38. Дугин А. Основы геополитики. М., 1997.
39. Пугачев В.П., Соловьев А.И. Введение в политологию. М., 1999.
40. Аристотель. Политика. Афинская полития. М., 1997.
41. Мальцев В.А. Основы политологии. М., 1998.
42. Панарин А.С. Философия политики. М., 1997.
43. Халипов В. Введение в науку о власти. М., 1996.
44. Политология. Под ред. Марченко Н.Н. М., 2000.
45. Политология. Под ред. Матузова И.Н., М., 2002.
46. Сорокин П. Человек, общество, цивилизация. М., 1992.
47. Григорьев В.К. Курс лекций по политологии. Алма-Ата, 1997.
48. Чулаков Ю.Г. Политология. С.-Пб., 1997.
49. Алексеева Т.А. Современные политические теории.М., 2001.
50. Пугачев В.Р, Соловьев А.И. Введение в политологию. М.2002
51. Конституция общенародного государства. Под.ред. М.С.Смиртюкова и К.М. Боголюбова. М. 1978
52. Токвиль А. Демократия в Америке. М. 1992

# MAZMUNY

**Giriş..........................................................................7**

**Syỷasy ylymda taglymatyñ roly............................................9**

**Syýasat jemgyýetçilik pikirleriň taryhynda........................12**

**Gůnbatar Ỷewropanyñ orta asyr syỷasy taglymatlary......19**

**Häzirkizaman syýasy pikir we syýasy mekdepler………..24**

**Gadymy Gresiýanyň we Gadymy Rimiň syýasy taglymatlary...................................................................32**

**XIX - XX asyrlarda syýasy-filosofiki garaýyşlar..............37**

**Edebiýat...................................................................42**